


# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ EDEBI MIRASYNDA MILLI PELSEPE

**Haýtbaýew Awazbek Aýbek ogly**

Ajiniýaz adyndaky Nöküs döwlet pedagogika instituty Filologiýa fakulteti Türkmen dili we edebiýaty ýönelişi 2-D topar talyby

https://doi.org/10.5281/zenodo.18813414

## ARTICLE INFO

Qabul qilindi: 31-yanvar 2026 yil
Ma'qullandi: 22-fevral 2026 yil
Nashr qilindi: 28-fevral 2026 yil

KEY WORDS

*Milli pelsepe, liriki gahryman, melamat usuly, ylmy-ledon, watansöýüjilik, halal lukma, ynsanperwerlik, sopuçylyk.*

## ABSTRACT

*Bu makalada Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynda milli pelsepäniň beýany ylmy taýdan seljerilýär. Şahyryň ynsanperwerlik, watansöýüjilik, ahlak päkligi, halal zähmet, iman hem-de ylym baradaky garaýyşlary çeper söz arkaly düşündirilýär. Şeýle-de onuň liriki "Men" keşbi arkaly kemal şahsyýeti terbiýelemek ugrundaky tagallalary açylyp görkezilýär.*

Magtymguly türkmen halkynyň jemgyýetçilink aňynyň we filosofik pikirleriniň ösüşine önjeýli goşant goşupdyr, ony özboluşly sagdyn garaýyşlar bilen baýlaşdyrypdyr. Şahyryň dünýägaraýşynyň kemala gelmeginiň esasy çeşmesi XVIII asyr türkmen durmuşy bolup, onuň ösüşine diňe şol jemgyýetiň syýasy-ykdysady gurluşy, medeni ýagdaýy däl, umumy Gündogaryň edebiýaty, filosofiýasy, ylmy, medeniýeti hem degerli täsir edipdir. Onuň filosofik garaýşyny Gündogaryň edebiýatyndan, filosofiýasyndan, ylym hem medeniýetinden üzňe göz öňüne getirmek mümkin däl. Magtymguly arap-pars ylmy, medeniýeti bilen ymykly tanşypdyr. Şeýle hem, terjime arkaly hindi, grek medeniýetini öwrenmäge-de azda-kände mümkinçiligi bolupdyr.

Türkmen halkynyň ruhy taryhynda aýratyn orun eýeleýän beýik söz ussady Magtymguly Pyragy diňe bir şahyr däl, eýsem milli akyldar, jemgyýetçilik pikiriniň ýolbaşçysydyr. Onuň döredijiligi türkmen hem-de dünýä jemgyýetiniň ruhy-ahlak ýagdaýyny beýan etmek bilen çäklenmän, eýsem geljek nesiller üçin ýol görkeziji pelsepe mekdebini döredýär.

Magtymgulynyň esaslandyran edebi mekdebi öz döwründe-de, ondan soň hem edebiýatyň ösmegine we kämilleşmegine uly ýardam edipdir hem-de Seýdi, Zelili, Kemine, Mollanepes ýaly görnükli söz ussatlarynyň hem-de beýleki ençeme şahyrlaryň halypasy bolupdyr. Halk rowaýatlarynyň birinde aýdylyşyna görä, geçen asyrda şahyrlaryň birnäçesi gürrüňçilige ýygnanýarlar. Gürrüňçilik gyzyşyp, edebiýat barada söz açylanda, kimdir biri "Indi näme hakda ýazmaly?" diýen soragy orta atýar. Şonda Kemine "Magtymguly söz meýdanynyň oragyny orup gitdi. Indi bize diňe onuň hoşasyny çöplemek galdy" diýip jogap berýär. Zelili bolsa, "Hoşa bugdaý arassa bolar" diýip, onuň sözüniň üstüni ýetirýär.

Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynda öňe sürülýän pikirler diňe bir döwür bilen bagly bolman, eýsem umumadamzat gymmatlyklaryna hyzmat edýär. Şahyryň esasy maksady – sap, kämil, ynsanperwer şahsyýeti kemala getirmekdir. Şeýlelikde, onuň edebi mirasy milli pelsepäniň bitewi ulgamyny emele getirýär.

Şahyr başlangyç ylym hem terbiýäni öz atasynyň elinde alýar. Döwletmämmet Azady oglunyň düýpli ylym almagy üçin köp tagallalar edýär. Ol diňe öz okadany bilen hem

çäklenmän, ony oba mekdebinde okaýan çagalaryň arasyna goşýar. Magtymgulynyň ilkinji mugallymy Nyýazsalyh diýen adam bolýar. Ol atasynyň baý kitaphanasynda toplanan birnäçe eserleri okap, mekdepde öwrenen zatlarynyň üstüni ýetirýär. Şahyr ýetginjeklik ýyllaryndan pars dilini hem gowy bilipdir. Ol "Azadym kany?", "Atamyň" we beýleki goşgularynda kakasynyň hyzmatlaryny guwanç bilen ýatlap, "Ylym öwreden ussat kyblam pederdir" diýýär hem-de oňa özüniň minnetdarlygyny bildirýär. Magtymguly kakasyny hemişe hormatlapdyr. Onuň sarpasyny belent tutupdyr. Şahyr ony kiçi göwünli uly alym, il-günüň söýen adamy hasaplapdyr.

Magtymguly Pyragynyň milli pelsepesiniň özeni – kämil adam düşünjesidir. Şahyryň pikiriçe, adam ilki bilen öz nebsini ýeňmegi başarmalydyr. Men-menlik, tekepbirlik, göriplik, ýalan sözlemek ýaly häsiýetler jemgyýetiň ahlak binýadyny sarsdyrýar.

Ol "Bolar sen" şygrynda:

"Alymlara uýsaň açylar gözüň,

Jahyllara uýsaň kör dek bolar sen"

– diýip, ylym-bilimiň adamy ruhy taýdan beýgeldýändigini nygtaýar. Şeýlelikde, ylym diňe bir maglumat däl, eýsem ahlak taýdan arassalygyň hem çeşmesidir.

Şahyryň döredijiliginde giňden ulanylýan çeperçilik aýratynlyklarynyň biri – melamat usulydyr. Bu usul arkaly şahyr jemgyýetdäki kemçilikleri öz üstüne alyp görkezýär. "Seda boldum" şygryndaky:

"Bet işlere baý boldum, haýr işe geda boldum"

– diýen setirler jemgyýetiň hakyky keşbini görkezýär.

Melamat usuly diňe tankyt däl, eýsem özüňi kämilleşdirmek ýoludyr. Bu ýerde liriki "Men" – şahyryň içki dünýäsi bolup, ol halkyň ruhy keşbi bilen bitewileşýär.

Magtymguly Pyragy halal zähmeti, halal lukmany bagtly ýaşaýşyň esasy hökmünde görkezýär. "Bir görip gitse daşymdan" şygrynda:

"Halal lukma ýagtylyk biýr gözlere"

– diýip belleýär. Haram gazanç bolsa wagtlaýyn şatlyk getirip, soňunda heläkçilige eltýär.

Şahyryň pikiriçe, halal zähmet diňe maddy däl, eýsem ruhy baýlygyň hem çeşmesidir. Türkmen halkynyň "Baýlyk eliň kiridir" diýen nakyly hem bu pelsepe bilen utgaşýar.

Magtymguly ömür boýy il-halkyň aladalary bilen ýaşapdyr. Tire-taýpalar arasyndaky agzalalyklaryň soňuna çykmak, olary ýaraşdyrmak, birleşdirmek, halkyň asuda hem gowy durmuşda ýaşamagy, ýurduň rowaçlanmagy barada köp tagallalar edipdir. Ol bu ugurda ukybyny, başarnygyny, zähmetini gaýgyrmandyr. Hatda ol köp halatlarda halk bähbidini öz şahsy bähbidinden ileri tutupdyr.

Watansöýüjilik Magtymgulynyň döredijiliginde merkezi orny eýeleýär. Onuň:

"Jeýhun bilen bahry-Hazar arasy – çöl üstünden öser ýeli türkmeniň"

– diýen setirleri türkmen milletiniň bitewüligini wasp edýär.

Şahyr diňe bir geografiki giňişligi däl, eýsem ruhy bitewüligi hem öňe sürýär. Agzybirlik, dostluga wepalylyk, sabyrlylyk – milli beýikligiň esaslary hökmünde görkezilýär. Magtymgulynyň köp taraply döredijiligini watançylyk, durmuşy, syýasy-jemgyýetilik, öwüt-nesihat, ýşk-söýgi, filosofik goşgulary diýen temalara bölmek mümkin. Dogry, beýleki

nusgawy şahyrlarymyzda bolşy ýaly, Magtymgulyda-da köp temalylyk güýçli, ýagny haýsydyr bir goşguda birnäçe tema deglip geçilýär. Ýöne özünden öňkülere hem-de döwürdeşleriniň birnäçesine garanyňda, şahyrda wakalary, keşpleri anyk beýan etme güýçli. Ylaýta-da, umumy Gündogar edebiýaty bilen deňeşdirip göreniňde, Magtymgulynyň şygyrlarynda uly öňe gidişlik aýdyň duýulýar. Galyberse-de, belli-belli temalaryň biri-biri bilen utgaşýandygyny hem unutmak bolmaz.

Magtymguly Pyragy sopuçylyk pelsepesine ýakyn bolup, ylmy-ledon düşünjesini öňe sürýär. Ylmy-ledon – Hudaý tarapyndan ylham we parasat arkaly berilýän ruhy ylymdyr.

Şahyryň eserleriniň çuň manyly bolmagy onuň diňe dünýewi däl, eýsem ruhy hakykatlary hem beýan edendigini görkezýär. Onuň her bir setiri köp gatlakly many ulgamyny özünde jemleýär.

Magtymguly Pyragy mätäje goldaw bermek, ýetimiň başyny sypamak, ýagşy söz aýtmak ýaly ynsanperwer gymmatlyklary öňe sürýär:

"Ýetimi göreňde güler ýüz bergil…"

Şahyr türkmen tire-taýpalary arkalaşykly, agzybir hereket etseler, bir maksat ugrunda göreş alyp barsalar, olaryň bagty göteriler, işleri rowaçlanar diýýär:

Köňüller, ýürekler bir bolup başlar,

Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,

Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,

Göteriler ol ykbaly türkmeniň.

Magtymguly bir saçakdan (supradan) çörek iýmegi, duz-emek bolmagy birek-birege ynanyşmagyň ýokary çägi, ygtybarly görnüşi

hasaplaýar. Eger ähli halk "bir çukura tüýkürse", bir agza garasa, uly

güýjüň emele geljekdigine, onuň öňünde hiç bir zadyň durup bilmejekdigine şahyr ynanypdyr. Bu pelsepe jemgyýetiň sagdyn ösüşiniň esasy şertidir. Şahyryň nazarynda, jemgyýetiň güýji – onuň ahlak derejesindedir.

Magtymguly edepli-ekramly, ýagşy terbiýeli kişilere sarpa goýupdyr. Hemmeleri-de şeýle bolmaga, olardan görüm-görelde almaga çagyrypdyr, ýamanlary bolsa ýazgarypdyr:

Aryf bolsaň, aslyn sorma ýigidiň,

Edebinde-ekramynda bellidir.

Ýagşylygy umyt etme ýamandan,

Boljak oglan ýaşlygyndan bellidir.

Magtymguly, ile ýaýdyň nesihat,

Zynhar, ýaman bilen bolmagyn ülpet.

Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy türkmen milli pelsepesiniň kämil nusgasydyr. Onuň döredijiliginde öňe sürülýän ahlak, halallyk, watansöýüjilik, ylym, iman ýaly gymmatlyklar häzirki döwürde hem öz ähmiýetini ýitirmeýär.

Şahyryň esasy maksady – kämil şahsyýeti terbiýelemek arkaly jemgyýeti kämilleşdirmekdir. Şeýlelikde, Magtymguly Pyragy diňe XVIII asyryň däl, eýsem ähli

döwürleriň ruhy ýolbeletidir. Onuň milli pelsepesi türkmen halkynyň baky ruhy baýlygydyr. Halk hemişe beýik akyldara we onuň baý edebi mirasyna uly sarpa goýupdyr, ony hormatlapdyr, onuň keşbini ebedileşdirmek barada tagalla baryny edipdir.

## Peýdalanylan edebiýatlar:

1. Magtymguly Pyragy. Saýlanan eserler. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýaty, 2014.

2. Ataýew K. XVIII asyr Türkmen edebiýaty. Aşgabat, 2010.

3. Annaberdiýew A. Magtymguly we türkmen ruhy dünýäsi. – Aşgabat, 2010.

4. Garryýew M. Türkmen edebiýatynyň taryhy. – Aşgabat, 2008.

5. Döwletmämmedow R. Magtymguly Pyragynyň pelsepesi. – Aşgabat, 2016.

## Internet çeşmeleri:

1. [https://kitap.gov.tm](https://kitap.gov.tm)

2. [https://tdh.gov.tm](https://tdh.gov.tm)

3. [https://turkmenportal.com](https://turkmenportal.com)

4. [https://medeniyet.gov.tm](https://medeniyet.gov.tm)

INNOVATIVE ACADEMY